# Bagta barýan ýolagçy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagta barýan ýolagçy BAGTA BARÝAN ÝOLAGÇY

Atlanyp arzuw atyma,
Ýolagçy men bagta barýan.
Göwnüm deý açyk ýollarym,
Kalpda şatlyk edýär seýran.

Şatlyk bagtymyň ilçisi,
Gaýga ýüz bermerin ýene.
Göwünlik berip göwnüme,
Gezipdirin ýöne ýere.

Şaýolunda arzuwlarmyň
Duralga dikdim sabrymdan.
Ulaglardyr umytlarym,
Ýeti:r ýeňşe tiz salymdan.

Ynam arzuwmyň esgeri,
Ynan, bagta badalga ol.
Görüp ýollaryň öwrümin,
Gerek öňe bat almagam.

Ýeňişleň ýorgudy yhlas –
Dagdan agyr, ýelden ýeňil.
Arzuwly çykdyňmy ýola
Ne-hä ýada, ne-de ýeňil!

Wada berdim arzuwlarma,
Göreşerin soňuna çen.
Atlanyp arzuw atyma,
Bagt ýolunda ýolagçy men!

Nury SAKÇYÝEW
Çeşme: ,,Garagum» žurnaly, 7/2021 Goşgular